# Ýaz gelipdir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýaz gelipdir ÝAZ GELIPD8R

Ýaz gelipdir, bu zemini ýuwmaga,
Gökden inýän çagba, ýagyşlar bilen.
Gözellige teşne kalbym gandyryp,
Sährany bezäpdir, nagyşlar bilen.

Suratkeş deý, ussat çekýäñ baharym,
Gyzyl gülälekleñ elwan keşbini.
Çünki menem senden miras alypdym,
Ýakalara keşde çekmek kesbini.

Çykaýyn men, giñ sährama ýazlaga,
Senä meniñ kalbym keşdele säher.
Menem gözelleriñ ýakalaryna,
Sen bolup keşdeler çekeýin bahar.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular